**TASLAMA RESMINAMASY**

***Türkmenistan***

**Taslamanyň ady:** Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň institusional, statistiki we maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmak
**Taslamanyň belgisi:**
**Taslamanyň ýerine ýetiriji hyzmatdaşy:** Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti
**Başlanýan senesi:** 01.01.2021 ý. **Tamamlanýan senesi:** 31.12.2023 ý.

| Gysgaça beýany |
|---|
| BMGÖM bilen Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň arasynda şu taslamanyň maksady Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (Türkmenstat) institusional, statistiki we maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmak bolup durýar.<br><br>Şunuň bilen baglylykda taslamanyň şu bölekleri kesgitlendi: 1) Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (Türkmenstat) maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmak, bu statistiki maglumatlaryň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilýär, 2) 2008-nji ýylyň MHU-na konseptual geçmegi amala aşyrmak we milli hasaplaryň we olaryň üstüni ýetirýän ykdysady statistikanyň maglumatlarynyň gurşap alýan çygryny, jikme-jiklik derejesini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak boýunça işleri dowam etdirmek; 3) DÖM-da ösüşi ölçemek üçin statistiki hasabatlylyk boýunça Türkmenstatyň mümkinçiligini ýokarlandyrmak. |

**Türkmenistan bilen BMGÖM-nyň arasynda ÝMR 2021-2025 ý., 2 netijäni gazanmaga ýardam etmek:**

2025-nji ýyla çenli bäsleşige ukyply hususy we maliýe sektorlaryny ösdürmek, söwda ýardam etmek we maýa goýumlary çekmek, şeýle hem innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak ýoly bilen ykdysadyýeti durnukly we ählumumy diwersifisirlemek üçin şertler gowulandyrylar

**2.1 netije ÝMR** Döwlet edaralary we hususy sektor a ýallar we ynjyk toparlary goşmak bilen, iş ýerlerini dö retmäge aýratyn üns berip, diwersifisirlemek, sanlyla ndyşdyrmak we söwda ýardam etmek boýunça maks atnamalary amala aşyrmak üçin düzgünleşdiriji, instit usional we işgärler mümkinçiligini pugtalandyrdylar
**Gender markeri:** GEN

| | |
|---|---|
| **Zerur bolan serişdeler, hemmesi:** | **473 538.75 ABŞ dollary** |
| **Türkmenistanyň Hökümeti:** | 413 538.75 ABŞ dollary |
| **2021 ý.** | 193 831.60 ABŞ dollary |
| **2022 ý.** | 143 056.39 ABŞ dollary |
| **2023 ý/** | 76 650.76 ABŞ dollary |
| **BMGÖM:** | 60000 ABŞ dollary |

Ylalaşyldy:

| **Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti** | **BMG-nyň Ösüş maksatnamasy** |
|---|---|
| Silap Welbegow<br><br>Başlyk | Natia Naswlişwili<br><br>Hemişelik wekiliň wezipesini ýerine ýetiriji |
| Sene: | Sene: |

# I. ÝAGDAÝYŇ BEÝANY

Türkmenistan 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibini, 17 DÖM-ny goşmak bilen, Gün tertibiniň ýaşaýşy özgertmek we ýer ýüzüni goramak babatynda wadasy durmuşa geçirmek borçnamasyny öz üstüne alan ilkinji ýurtlaryň biri boldy. 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan 17 DÖM-ny we 148 wezipäni millileşdirdi, olar durnukly ösüşiň üç jähtini, ýagny ykdysady, durmuş we ekologiýa jähtlerini deňeçer gurşap alýar. Ýurduň uzak möhleti ösüşine garaýyş Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasynda (DYÖMM)[1] beýan edilýär we umuman 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibine laýyk gelýär. 2010-njy ýylda kabul edilen DYÖMM has güýçli institutlary we syýasatlary utgaşdyrmagyň, döwlet sektory bilen hususy bazaryň mehanizmleriniň arasynda has gowy özara hereketiň, häzirki zaman tehnologiýalaryny has giň peýdalanmagyň we dünýä ykdysadyýetene has çuň goşulyşmagyň hasabyna ýurduň çalt depginler bilen ösdürilmegini göz öňünde tutýar. DYÖMM esasy dört ýörelgäni öz içine alýar, hususan-da: i) ösüşiň ýokary depginleri; ii) makroykdysady durnuklylyk; iii) hususy bölegi ösdürmek; we iv) ilatyň ýaşaýyş derejesini we hilini ýokarlandyrmak.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy (PDYÖM) milli ösüşiň orta möhlete niýetlenen esasy strategiýasy bolup durýar. 2019-njy ýylyň fewral aýynda kabul edilen we BMG-nyň goldaw bermeginde işlenip taýýarlanan bu maksatnama Hökümetiň ösüşiň milli ileri tutulýan ugurlaryny DÖM-na laýyk getirmäge we ekologiýa jähtlerini durmuş-ykdysady ösüşi meýilleşdirmek işine goşmaga ilkinji tagallalary bolup durýar.

PDYÖM-da bilimlere we innowasiýalara esaslanýan bazar özgertmelerini dowam etdirmäge, ykdysady, durmuş we ekologiýa ulgamlarynda täze tehnologiýalaryň özleşdirilmegine we ýaýradylmagyna, ykdysadyýetiň pudaklaryny we eýeçiligi diwersifisirlemäge we ýaşaýyş derejesini gowulandyrmaga we ýurduň intellektual maýasyny dünýä standartlaryna çenli ýokarlandyrmaga üns bermek bilen, 2030-njy ýyla çenli milli starategiýada bellenen strategik ileri tutulýan ugurlar saklanyp galýar.[2]

Häzirki zaman tehnologiýalaryny peýdalanmagyň hasabyna ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň işiniň we ýurduň jemgyýetçilik ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasynda has jikme-jik beýan edilýär. Şu Konsepsiýa laýyklykda, sanly aragatnaşyk ulgamlaryny toplumlaýyn ornaşdyrmak, „bir penjire“ hyzmatlaryny ösdürmek, sanly hasabatlylygy girizmek we beýlekiler meýilleşdirilýär.

Daşary ykdysady işi ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasynda Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri milli statistiki hasabatlylygy kämilleşdirmek, 2008-nji ýylyň Milli hasaplar ulgamynyň standartlaryny ornaşdyrmak, hasabatlylygyň görnüşlerini, usulyýet görkezmelerini we Durnukly ösüş maksatlarynyň görkezijileri boýunça düşündirişleri işläp taýýarlamak, şeýle hem halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmek bolup durýar.

PDYÖM durmuşa geçirmek maksady bilen, Hereketleriň meýilnamasy işlenip taýýarlandy, oňa laýyklykda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti statistika ulgamynda esasy orta möhletli maksatlary üstünlikli amala aşyrmak üçin şu ugurlar boýunça alyp barýan işlerini dowam etdirer:

- halkara standartlaryna laýyklykda usulyýeti kämilleşdirmek we halkara statistiki maglumatlar binýadyna gatnaşmak ýoly bilen DÖM boýunça gözegçiligiň we hasabatlylygyň milli statistiki ulgamyny kämilleşdirmek;

[1]Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasyna 2012-nji ýylda ÝUNISEF we Bütindünýä banky tarapyndan Hyzmatdaşlygyň ýurt strategiýasy EY16-17 geçirilen synyna esaslanýar
[2]Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy.

- milli hasaplary pugtalandyrmak we makroykdysady görkezijileri hasaplamak üçin olary halkara standartlaryna laýyk getirmek,

- statistiki telekeçilik sanawyny işläp taýýarlamak, statistiki maglumatlary ýaýratmagyň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmak we ş.m.

2019-njy ýylyň oktýabr aýynda BMG bilen Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (Türkmenstat) arasynda Durnukly ösüş maksatlary ulgamynda maglumatlary we statistikany gowulandyrmak üçin milli statistiki mümkinçiligi ýokarlandyrmakda hyzmatdaşlyga degişli Özara düşünişmek hakynda ähtnama gol çekildi. Şu Ähtnamada hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary kesgitlendi, olar 2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň maksatlaryny we wezipelerini gazanmak üçin zerur bolan statistiki mümkinçiligi ýokarlandyrmagy meýilleşdirmekde we ýerine ýetirmekde hyzmatdaşlyk etmek bolup durýar, şol sanda: DÖM boýunça maglumatlary ýygnamak, maglumatlary ýaýratmak, maglumatlary saklamaklygy sanlylaşdyrmak we milli maglumatlar binýadygny döretmek; onlaýn bileleşigi, milli we global maglumatlar binýadyny, maglumatlaryň we seljerişiň hilini gowulandyrmak goşmak bilen, maglumatlary ýygnamak we ýaýratmak üçin maglumatlara we sanly çözgütlere esaslaýan syýasatlary işläp taýýarlamagy ilerletmäge goldaw bermek we beýlekiler.

Ýokarda görkezilen milli ösüş maksatnamalaryny we konsepsiýalary durmuşa geçirmek maksady bilen, şeýle hem BMG bilen Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (Türkmenstat) arasyndaky Özara düşünişmek hakynda ähtnama esaslanmak bilen, BMG-nyň Ösüş maksatnamasy BMG-nyň 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş ulgamynda global Gün tertibi amala aşyrmak maksatlarynda täzeçil çözgütleri ulanmagyň esasynda, durnukly ösüşiň dürli ugurlary boýunça çözgütleri berýän öňdebaryjy agentligi bolmak bilen, şu „Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň institusional, statistiki we maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmak“ taslamasynyň çäklerinde tehniki ýardam etmegi dowam etdirer.

---

## II. Strategiýa

Şu taslama BMG-nyň Ösüş maksatnamasy üçin hem, Türkmenistanyň Hökümeti üçin hem strategik taýdan möhüm bolup durýar, sebäbi 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş ulgamynda Global Gün tertibini (2030 Gün tertibi), Durnukly ösüşiň degişli maksatlaryny, PDYÖM-ny we Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasyny amala aşyrmak ulgamynda emele gelen oňyn gatnaşyklary pugtalandyrýar. Taslama aşakda görkezilýän üç ugry amala aşyrmak arkaly Türkmenstatyň institusional, statistiki we maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmaga gönükdiriler:

**1) Türkmenstatyň maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmak, bu statistiki maglumatlaryň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilýär**

Özüniň institusional gurluş düzümini kämilleşdirmek maksady bilen, 2014-nji ýylda Türkmenstat tarapyndan Ýewrostat, ÝYK we EFTA tarapyndan goldanylan, Gündogar Ýewropa, Kawkaz we Merkezi Aziýa ýurtlarynda üstünlikli ulanylan, Uýgunlaşdyrylan Global Baha bermegiň halkara usulyýetiniň modifirlenen görnüşini peýdalanmak bilen, öz-özüňe baha bermek geçirildi. Şu öz-özüňe baha bermeklige laýyklykda, döwlet statistikasynyň bar bolan ulgamy statistiki maglumatlary milli derejede gutarnykly jemlemek, barlamak we ýaýratmak bilen, sebit we etrap derejesinde maglumatlary (döwlet statistiki hasabatlylygy) umumy ýygnamagyň esasynda statistiki önümçilik proseslerini görkezýär. Statistiki önümçiligiň şunuň ýaly gurnalyşy respondentlere köp agram salýar we ulgamyň adam we maliýe serişdeleriniň esasy böleginiň maglumatlaryň ýygnalýan tapgyrynda (ýerli derejede) peýdalanylmagyny talap edýär. Häzirki wagtda Türkmenstatyň programma üpjünçiligini işläp taýýarlaýan hünärmenler Delphi, CSPro, SPSS ýaly amaly programma önüminiň dürli tehnologiýýalaryny ulanýarlar.

Öz-özüñe baha bermegiñ maslahatlaryna laýyklykda, IT infrastrukturany döwrebaplaşdyrmak we maglumatlary ýygnamagyñ täze usullaryny işläp taýýarlamak, maglumatlary elektron görnüşde ýygnamak ulgamyny döretmek, statistiki hasabatlylygy durmuşa geçirmek (Off-line we On-line) zerurdyr, bu statistikanyñ hilini ýokarlandyrmak üçin serişdeleriñ peýdalanylyşyny amatly etmäge mümkinçilik berer

Sanly ykdysadyýeti ösdürmegiñ konsepsiýasyny durmuşa geçirmek üçin geljekde statistiki maglumatlary işlemegiñ seljeriş programma serişdelerini (Business Intelligence) ornaşdyrmak meýilleşdirilýär. Bu tehnologiýa telekeçiligi seljermegiñ gutarnykly goşulyşan ulgamyndan ybaratdyr. Ony formalary taýýarlamak we maglumatlary seljermek, grafikleri we diagrammalary seljermek, şeýle hem geografik maglumat ulgamy tehnologiýalaryny (GMU tehnologiýalary) peýdalanmak üçin bitewi ulgam hökmünde peýdalanyp bolar. Bu programma önüminiñ artykmaçlygy hakyky wagt düzgüninde seljeriş işini amala aşyrýan OLAP ugamynyñ kömegi bilen ykdysatçynyñ programma düzmek boýunça hünärmeniñ kömegi bolmazdan islendik çykyş tablisalaryny özbaşdak emele getirip biljekdiginden ybaratdyr.

Şu bölegiñ çäklerinde telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiligini goýmak (oturtmak) boýunça işleri dowam etdirmek, şeýle hem ony işe girizmek meýilleşdirilýär. Bu programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak ýuridik şahslary bellige almak işini ýönekeýleşdirmäge, çaltlandyrylan düzgünde maglumatlary elýeter etmäge we olary işlemäge mümkinçilik berer, ýudirik şahslaryñ we hususy telekeçileriñ tertipleşdirilen görnüşde hasaba alynmagyna getirer.

Telekeçilik sanawyny döretmek we pudaklaýyn müdirlikler üçin işlenip taýýarlanan programma üpjünçiligini goýmak/uýgunlaşdyrmak maglumatlary ýygnamak, işlemek we seljermek işleriniñ netijeleligini we peýdalylygyny ýokarlandyrmak üçin sanly çözgütleri ornaşdyrmaga ulgamlaýyn çemeleşmäni ulanmaga mümkinçilk berer. Maglumatlary ýygnamak we işlemek işlerini sanlylaşdyrmak prosesi kiberhowpsuzlyk we Türkmenstatyñ beýleki maglumatlar binýady we ýurduñ beýleki ministrlikleri hem-de pudak edaralary bilen mundan beýläk hem goşulyşmagy boýunça talaplary göz öñünde tutar.

**2) 2008-nji ýylyñ MHU-na konseptual geçmegi amala aşyrmak we milli hasaplaryñ we olaryñ üstüni ýetirýän ykdysady statistikanyñ maglumatlarynyñ gurşap alýan çygryny, jikme-jiklik derejesini giñeltmek we hilini ýokarlandyrmak boýunça işleri dowam etdirmek.**

MHU ulgamynda statistiki we institusional mümkinçiligi ýokarlandyrmagyñ zerurlygy hem Türkmenstat tarapyndan 2014-nji ýylda geçirilen öz-özüñe baha bermegiñ möhüm maslahaty boldy. Şu bölegiñ çäklerinde geçiriljek çäreler 2008-nji ýylyñ MHU-nyñ talaplaryna laýyklykda, Türkmenistanyñ milli hasaplarynyñ usulyýet, maglumat we işgärler mümkinçiligini güýçlendirmäge, hususan-da, 2008-nji ýylyñ MHU-nyñ jemi içerki önüme (JIÖ) we onuñ böleklerine degişli maslahatlaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge gönükdiriler.

BMGÖM bilen ozalky taslamanyñ çäklerinde bilermenler tarapyndan Türkmenistanyñ MHU-nyñ klassifikasiýa (toparlama) ulgamynyñ häzirki ýagdaýyna baha berildi we döwlet statistiki klassifikasiýalar 2008-nji ýylyñ MHU-na laýyk getirildi we olary tapgyrlaýyn onaşdyrmak boýunça anyk maslahatlar berildi. Taslamanyñ çäklerinde bar bolan usullary gowulandyrmak we JIÖ-e hem-de onuñ esasy böleklerine berilýän baha täsir edýän 2008-nji ýylyñ üýtgetmelerini ornaşdyrmak maksady bilen birnäçe tehniki seljerişler (ekspertiza) berildi. Hususan-da,gözegçilik edip bolmaýan ykdysadyýete, ýaşaýyş jaýlaryndan alynýan renta, ylmy-barlag işiniñ hyzmatlaryna, ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna baha bermek boýunça, şeýle hem syýahatçylygyñ satellit (goşmaça) hasabyny döretmek boýunça tehniki seljerişler berildi. Taslamanyñ çäklerinde resmi däl sektorda hyzmatlar ulgamyna seçimleýin gözegçilik geçirildi. Mundan başga-da, Türkmenstatyñ işgärler mümkinçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, amaly treningler/okuw maslahatlary we milli hasaplar boýunça beýleki çäreler guraldy.

1993-nji ýylyñ MHU-ndan 2008-nji ýylyñ MHU-na konseptual geçmegi amala aşyrmak üçin köp işleriñ edilendigine garamazdan, häzirki wagtda Türkmenstatyñ usulyýet esasyny we işgärler

mümkinçiligini kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmek zerurlygy bar. Şunuň bilen baglylykda, şu taslama 2008-nji ýylyň MHU-na geçmegiň häzirki ýagdaýyna tehniki seljeriş berer we maslahatlaryň esasynda mundan beýläkki seljerişler, hususan-da, durnukly bahalary bahalandyrmak boýunça seljeriş berler: laýyk deflýatorlary işläp taýýarlamak; iki deflýasiýa usulyny, düzediş girizilen bar bolan girdejini peýdalanmagyň hasaplaryny (ýyllyk we çärýekleýin, jebislendirilen we sektor boýunça hasaplar), gaýtadan baha bermek hasabyny ornaşdyrmak; ykdysady we ekologiýa hasaplaryny hasaplap çykarmak; satellit (goşmaça) hasaplary işläp taýýarlamak we beýleikler.

Taslamanyň çäklerinde usulyýetleri ulanmak boýunça degişli geňeş berler. Mundan başga-da, taslama Türkmenstatyň işgärleriniň 2008-nji ýylyň SHU-na we aýry-aýry komponentleri goşmak bilen beýleki statistiki meselelere degişli, BMG-nyň Statistika bölümi, BMG-nyň Ýewropa ykdysady komissiýasy, Ýewrostat, Bütindünýä banky, Halkara pul gaznasy we beýlekiler tarapyndan geçrilýän dürli treninglere gatnaşmaklaryna hem goldaw berer.

**3) DÖM-da ösüşi ölçemek üçin statistiki hasabatlylyk boýunça Türkmenstatyň mümkinçiligini ýokarlandyrmak**

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda çykaran, Türkmenistanda DÖM-na gözegçilik ulgamynyň institusional düzümini tassyklamak boýunça kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Statistika baradaky komiteti 1) döwlet statistikasynyň usulyýetini işläp taýýarlamak, maglumatlary ýygnamak we işlemek, 2) DÖM-nyň maglumat binýadyny döretmek we alyp barmak, 3) degişli usulyýetleri işläp taýýarlamaga goldaw bermegi goşmak bilen, administratiw maglumatlaryň we puldaklaýyn statistikanyň ýygnalyşyny utgaşdyrmak üçin jogapkärçilik çekýär.

Türkmenistanyň Meýletin milli synynda[3] DÖM-ny amala aşyrmak boýunça mundan beýläkki ädimler kesgitlendi. Şeýle ädimleriň biri hem DÖM-nyň görkezijileriniň milli ulgamyny emele getirmek (Türkmenstata 80-e golaý görkeziji berkidildi), ählitaraplaýyn, hakyky we jemlenmedik maglumatlary ýygnamak, şeýle hem DÖM-nyň maglumatlar binýadyny döretmek boýunça işleri dowam etdirmek bolup durýar. Bu bolsa, öz gezeginde, ýurduň degilşli strategiýalaryny durmuşa geçirmek we gözegçilik etmek, şeýle hem DÖM-ny gazanmakda öňegidilşligi synlamak üçin başlangyç maglumatlary kesgitlemek işiniň tamamlanmagyny üpjün eder. DÖM-ny amala aşyrmak ulgamynda öňegidişlige netijeli gözegçilik etmek üçin ýokary hilli, derwaýys we ygtybarly maglumatlar zerurdyr. Türkmenistanda maglumatlaryň elýeterliginiň häzirki ýagdaýyna düşünmek üçin BMG-nyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň (BMG-nyň ÝYK) we BMG-nyň Çagalar gaznasynyň (ÝNISEF) sowalnamalarynyň esasynda DÖM boýunça maglumatlaryň ýetmezçiliklerine baha bermek geçirildi. Seljerme DÖM-nyň Türkmenistan tarapyndan kabul edilen görkezijilerinden 88 (50,3) görkezijiniň elýeterdigini görkezdi. Şunuň bilen baglylykda hökümet öz tagallalaryny I we II derejäniň görkezijilerini almaga gönükdirer. Milli görkezijileriň sanawyny düzmek boýunça iş geçirilýär, şonuň esasynda DÖM-nyň görkezijileriniň we gözegçiligiň milli ulgamy emele getiriler.

Ýokarda aýdylanlara üns bermek bilen, taslamanyň şu böleginiň çäklerinde DÖM boýunça maglumatlar binýadyny ýöretmek we ministrlikleriň we pudak edaralarynyň degişli hünärmenleriniň mümkinçiligini ýokarlandyrmak arkaly administratiw maglumatlaryň we pudaklaýyn statistikanyň ýygnalyşyny utgaşdyrmak boýunça mundan beýläk hem goldaw bermek göz öňünde tutulýar.

Şu taslama Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny, Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasyny we Daşary ykdysady üşi ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyny durmuşa geçirmäge öz goşandyny goşar, bu bolsa döwlet dolandyryşynyň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmaga, Türkmenstatyň institusional we statistiki mümkinçiligini

[3] https://sustainabledevelopment.un.org/content/documents/2331512.07.19_Updated_VNR_of_Turkmenistan.pdf

kämilleşdirmäge, şeýle hem ýurtda Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak boýunça mundan beýläk hem ösüş gazanmagyna ýardam eder.

Şu taslama Türkmenistan bilen BMG-nyň arasynda durnukly ösüş ulgamynda hyzmatdaşlygyň 2021-2025-nji ýyllar üsin Çaosçuwaly maksatnamasynda (BMG-TKM DÖHÇM) we Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-nyň Ösüş maksatnamasynyň arasynda 2021-2025-nji ýyllarda hyzmatdaşlyk etmegiň su maksatnamasy boýunça resminamada (ÝHR) bellenen, sanlylaşdyrmaga ýardam etmek we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly statistiki maglumatlaryň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatlara we wezipelere laýyk gelýär. Hususan-da, taslama 2-nji netijäni gazanmaga ýardam eder: 2025-nji ýyla çenli bäsleşige ukyply hususy we maliýe sektorlaryny ösdürmek, söwda ýardam etmek we maýa goýumlary çekmek, şeýle hem innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak ýoly bilen ykdysadyýeti durnukly we ählumumy diwersifisirlemek üçin şertler gowulandyrylar. Taslama 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş ulgamynda Global Gün tertibini we 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan tarapyndan millileşdirilen Durnukly ösüş maksatlaryny (DÖM), hususan-da, 8-nji DÖM-ny (ykdysadyýet) we 17-nji DÖM-ny (hyzmatdaşlyk) gazanmaga ýardam eder.

## III. Netijeler we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary

### *Garaşylýan netijeler*

Taslamanyň netijesinde statistikanyň institusional, statistiki we maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmaga ýardam edýän şu netijeler gazanylar diýlip gaşalylýar.

*1-nji netije: Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (Türkmenstat) statistiki maglumatlaryň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrylar.* Şu netijäni gazanmak boýunça çäreler Türkmenstat tarapyndan geçirilen öz-özüňe baha bermegiň netijelerine we maslahatlaryna esaslanar. Şu bölegiň çäklerinde telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak we oturtmak, şeýle hem ony işe girizmek boýunça işi dowam etdirmek meýilleşdirilýär. Bu programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak ýuridik şahslary bellige almak işini ýönekeýleşdirmäge, çaltlandyrylan düzgünde maglumatlary elýeter etmäge we olary işlemäge mümkinçilik berer, ýudirik şahslaryň we hususy telekeçileriň tertipleşdirilen görnüşde hasaba alynmagyna getirer.

Şu netijäniň gazanylyşy şu görkezijiler bilen ölçeniler:

1.1. Telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiligi gutarnykly işlendi we işe girizildi;

1.2. Türkmenstatyň maglumatlary işlemegi awtomatlaşdyrmaga mümkinçilik berýän telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiliginden peýdalanyp bilýän hünärmenleriniň paýy.

Şeýle hem şu çäreler ýerine ýetiriler:

1.1. Telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiligini gutarnykly işlemek, goýmak we işe girizmek.

1.2. Türkmenstatyň hünärmenlerine maglumatlary işlemegi awtomatlaşdyrmaga mümkinçilik berýän telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiliginden peýdalanmagy öwretmek.

*2-nji netije: Türkmenistanyň milli hasaplarynyň usulyýet, maglumat we işgärler mümkinçiligi güýçlendirildi.*

Şu netijäni gazanmak boýunça çäreler 2008-nji ýylyň MHU-ny ornaşdyrmak boýunça ozal geçirilen işe syn bermegiň netijelerine esaslanar. Taslamanyň çäklerinde şu milli hasaplary peýdalanyjylar bilen, şol sanda Mekezi bank, Maliýe we ykdysadýet ministrligi we ykdysady we maliýe syýasaty,

şeýle hem milli ösüşi meýilleşdirmek üçin jogapkär beýleki hökümet edaralary bilen tegelek stollar geçiriler. Taslama 2008-nji ýylyň MHU-ny ornaşdyrmak boýunça çäreleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda göz öňünde tutulan, milli statistika ulgamyny ösdürmegiň umumy orta möhletli strategiýasyna goşmaga ýardam eder.

Şu bölegiň çäklerindäki çäreler 2008-nji ýylyň MHU-nyň jemi içerki önüme (JIÖ) we onuň böleklerine degişli maslahatlaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge gönükdiriler. Taslama bar bolan usullary gowulandyrmak we JIÖ-e we onuň esasy böleklerine berilýän baha, şol sanda 1) durnukly bahalary bahalandyrmaga; iki deflsaýiýa usulyny ornaşdyrmaga; 2) welaýatlaryň derejesinde sebitiň JIÖ-ne; 3) ykdysady we ekologiýa hasaplaryny hasaplap çykarmaga, 4) satellit (goşmaça) hasaplary düzmäge beýlekilere täsir edýän 2008-nji ýylyň üýtgetmelerini ornaşdyrmak maksady bilen birnäçe tehniki seljerişleri (ekspertiza) berer. Taslamanyň çäklerinde usulyýetleri ulanmak boýunça degişli geňeşler berler, şeýle hem, mysal üçin, syýahatçylyk hyzmatlary ulgamynda we beýleki ulgamlarda seçimleýin gözegçilikler geçiriler. Mundan başga-da, taslama Türkmenstatyň işgärleriniň 2008-nji ýylyň SHU-na we aýry-aýry komponentleri goşmak bilen beýleki statistiki meselelere degişli, BMG-nyň Statistika bölümi, BMG-nyň Ýewropa ykdysady komissiýasy, Ýewrostat, Bütindünýä banky, Halkara pul gaznasy we beýlekiler tarapyndan geçrilýän dürli treninglere gatnaşmaklaryna hem goldaw berer. Türkmenstatyň welaýatlardaky işgärlerini okatmaga aýratyn üns berler.

Şu netijäniň gazanylyşy şu görkezijiler bilen ölçeniler:

2.1 Olar boýunça usulyýet işlenip taýýarlanan we synagdan geçirilen görkezijileriň paýy;

2.2 2008-nji ýylyň MHU-nyň maslahatlaryna laýyklykda uýgunlaşdyrylan gözegçilikleriň sany;

2.3 Türkmenstanyň hünärmenleri statistika meseleleri boýunça öz bilimlerini we düşünjelerini ýokarlandyrdylar;

2.4 2023-nji ýylyň üçünji çärýegine çenli 2008-nji ýylyň MHU boýunça bilelikdäki çärýekleýin hasabat düzüldi;

2.5 2008-nji ýylyň MHU tamamlanandan soň sebitleýin okuw maslahaty geçirildi.

3-nji netije: DÖM-nyň görkezijileri boýunça maglumatlary ýygnamak we maglumatlar binýadyna girizmek boýunça degişli hünärmenleri okatmakda Türkmenstata ýardam etmek arkaly DÖM-da ösüşi ölçemek üçin statistiki hasabatlylyk boýunça Türkmenstatyň mümkinçiligi ýokarlandyryldy.

Şu netijäniň gazanylyşy şu görkezijiler bilen ölçeniler:

3.1 DÖM-nyň görkezijileriň maglumatlar binýady maglumatlary ýygnamagy, işlemegi we seljermegi amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Bu DÖM-nyň görkezijileriň maglumatlar binýady DÖM boýunça beýleki taslamanyň çäklerinde gurnalar.

3.2 Maglumatlary işlemek we seljermek boýunça statistiki gurallary öwrenen hünärmenleriň sany.

**sGaraşylýan netijeleri gazanmak üçin zerur bolan serişdeler**

Ýokarda sanalyp geçilen netijeleri gazanmak maksady bilen, taslama ýokary hünärli halkara bilermenleri çekmegi göz öňünde tutýar. Maslahatçylaryň milli hasaplar, statistiki mümkinçiligi ýokarlandyrmak, IT tehnologiýalar, sanlylaşdyrmak ulgamynda degerli tejribesi bolmalydyr we 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş ulgamynda Global Gün tertibi we Durnukly ösüş maksatlary barada gowy bilimleri bolmalydyr, şeýle hem olar iňlis we rus dillerini (sözleýiş dilini we ýazmaça) örän gowy bilmelidirler. Şeýle hem taslama halkara bilermenlerine kömek bermek üçin ýerli maslahatçylar çekiler. Bu maslahatçylaryň Türkmenistanyň milli statistika ulgamynda iş tejribesi we ulgam barada, şol sanda kadalaşdyryjy-hukuk we usulyýet binýady barada gowy düşünjeleri bolmalydyr. Şeýle hem degişli ugurlarda halkara tejribesini öwrenmek maksady bilen, okuw saparlary guralar.

**Hyzmatdaşlyk gatnaşyklary**

Taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda BMGÖM bilen Türkmenstat Merkezi bankyň, Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň we beýleki ministrlikleriň we pudak edaralarynyň wekilleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk ederler. Şeýle hem taslamanyň işi milli hasaplar boýunça statistiki mümkinçiligi kämilleşdirmek we ýokarlandyrmak ulgamynda işleri amala aşyrýan beýleki halkara guramalarynyň, şol sanda BMG-nyň Statistika bölümini, BMG-nyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň, Ýewrostatyň, Bütindünýä bankynyň, Halkara pul gaznasynyň, GDA-nyň Statistika komitetiniň işi bilen utgaşdyrylar.

Taslamanyň milli hyzmatdaşy Türkmenistanyň Döwlet statistika komiteti (Türkmenstat) bolar.

Töwekgelçilikler we çaklamalar

**Garaşmalar:**

• Taslamany durmuşa geçirmekde Türkmenstatyň we beýleki degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn bölümleriň ýolbaşçylarynyň borçnamasy.

• Degişli enjamlary, IKT infrastrukturasyny we programma üpjünçiligini öz wagtynda satyn almak.

• Taslamany durmuşa geçirmäge gatnaşýan ähli taraplaryň netijeli utgaşdyrylmagy.

**TÖWEKGELLIKLER:**

Bu Taslamanyň maksatlaryna ýetmegine täsir edip biljek töwekgelçilikleriň arasynda iň möhümleri:

• Taslamany durmuşa geçirmekde gatnaşýan guramalaryň, ministrlikleriň we pudaklaýyn bölümleriň ýolbaşçylarynyň borçnamalarynyň bolmazlygy.

• Milli hyzmatdaşlaryň Taslamadan gelip çykýan esasy administratiw / amaly teklipler boýunça degişli çäreleri görmezligi ýa-da ösen programmalaryň we tehnologiýalaryň yzygiderli we netijeli ulanylmagyny üpjün etmek üçin bar bolan administratiw çeşmelerden peýdalanmazlygy.

• Milli hyzmatdaşlaryň gullukdaky hünärmenleri zerur mukdarda üpjün etmezligi. Taslama gatnaşýan guramalarda işgärleriň ýygy-ýygydan üýtgemegi.

• Taslamanyň esasy çäreleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin BMGÖM bilen milli hyzmatdaşyň arasynda utgaşdyrylmazlyk.

• Zerur IKT enjamlaryny, programma üpjünçiligini we hyzmatlaryny satyn almakda ýa-da milli hyzmatdaş tarapyndan berilýän iň az tehniki talaplara laýyk gelmeýän IKT enjamlaryny we programma üpjünçiligini satyn almakda gijä galmak.

• COVID-19 pandemiýasy bilen baglanyşykly çäklendirmeler.

**Bilimleri dolandyrmak**

Taslamanyň durmuşa geçirilmegi netijesinde Taslamadan peýdalanýanlar tarapyndan alnan bilimler we tejribe, Türkmenstat işgärleriniň mümkinçiliklerini ösdürmek boýunça hereket meýilnamalaryna öwrüler. Taslamanyň çäginde makroykdysadyýet we statistika ugurlary boýunça okuw seminarlary, okuwlar taýýarlanar we geçiriler.

**Durnukly ösüş we gerim**

Taslamanyň mazmunyny, hyzmatdaşlygy we taslama çärelerini durmuşa geçirmegi göz öňünde tutup, taslama tamamlanandan soň netijeleriň durnuklylygy, belli bir ugurlar boýunça taslama çäreleriniň netijelerini durmuşa geçirmek üçin bilelikdäki çäreler arkaly üpjün edilýär:

• Gatnaşan gurluş düzümleriniň gyzyklanmalary we sazlaşykly işleri.

• Döwlet goldawy (Türkmenstatyň işgärleriniň arasynda, Taslamanyň hyzmatdaşlarynyň web sahypalarynda) we býudjet serişdeleriniň maliýeleşdirilmegi bilen ýurduň ähli sebitlerinde ýygnaklarda we tematiki seminarlarda Taslamany durmuşa geçirmegiň netijeleri barada maglumat ýaýratmak) we býujetden maliýeleşdirmek.

• Taslamanyň netijelerini ýurtda döwlet gullukçylaryny taýýarlamagyň bar bolan ulgamyna we statistik mümkinçiligi pugtalandyrmaga goşmak.

• Taslamanyň netijeleriniň goşulmagy we elektron okuwyň birnäçe komponentleriniň ornaşdyrylmagy Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň konsepsiýasyny durmuşa geçirmäge ýardam eder.

## IV. TASLAMANY DOLANDYRMAK

### *Harajatlaryň peýdalylygy we netijeliligi*

Taslamanyň peýdalylygyny we netijeliligini üpjün etmek maksatlarynda birnäçe çemeleşmeler, hususan-da aşakdaky çemeleşmeler peýdalanyldy:

• Tutuş Taslamanyň hem-de onuň aýry-aýry bölekleriniň logikasy netijä gözükdirilen dolandyryş ýörelgelerinde guruldy. Serişdeleri, gözegçiligi we baha bermegi goşmak bilen, Taslamany durmuşa geçirmegi dolandyrmagyň mehanizmleri Taslamanyň ähli derejelerinde garaşylýan netijelere lpýyk getirildi we bir bitewi gurluş düzümini emele getirýär;

• Taslamanyň ahyrky netijesi – statistiki maglumatlary bermekde sanlylaşdyrmagy ornaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (Türkmenstat) maglumat-tehniki mümkinçiligini pugtalandyrmak.

• Taslamanyň çäklerindäki iş taslamanyň durmuşa gesirilýsän döwründe amala agşyrylýan degişli döwlet maksatnamalary we milli ösüş strategiýalary, hususan-da, „Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasy", „Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy", „Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasy" we olaryň netijeleri bilen sazlaşdyrylar we „Statistika hakynda" kanuna laýyklykda amala aşyrylar.

Taslamany dolandyrmak

Taslama Milli ýerine ýetirijiniň durmuşa geçiriş mehanizmi (MÝDA) arkaly amala aşyrylar. Türkmenstat Taslamanyň milli hyzmatdaşy hökmünde çykyş eder.

Taslamany dolandyrmak ulgamy üç derejeden ybarat:

1. Strategiki dolandyryş;

2. Dessin dolandyryş we utgaşdyrmak;

3. Gözegçilik we baha beriş mehanismi (Taslama resminamasynyň VI bölümi).

Milli ýerine ýetirijiniň modallygynda amala aşyrylýan Taslamanyň durmuşa geçirilmegine BMGÖM tarapyndan goldawyň diňe Milli ýerine ýetirijiniň haýyşy boýunça berlip bilinjekdigi sebäpli, taraplar Taslama resminamasynyň bellenen tertipde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministliginde bellige alynmagyny ylalaşdylar.

Şu Taslamada, taslama toparyndan we Taslamany Milli utgaşdyryjydan başga-da, Taslamanyň durmuşa geçirilişine dessin gözegçiligi we Taslamanyň beýleki şoňa meňzeş başlangyçlar we taslamalar bilen özara baglanyşygyny üpjün etmegi BMGBM-nyň ýurt boýunça edarasynyň programma işgärleri, ýagny BMGÖM-nyň Programma departamentiniň başlygy we

Dolandyryş, ykdysadyýeti diwersifisirlemek we ählumumy ösüş meseleleri boýunça programma seljerijisi amala aşyrarlar.

Programa işgärleriniň hyzmatlary bilen bir hatarda, BMGÜM-nyň ýurt boýunça edarasy administratiw hyzmatlary hem ýerine ýetirer.

Programma işgärleriniň ýokarda görkezilen işleri ýerine ýetirmek üçin harajatlarynyň, şeýle hem BMGÜM-nyň ýurt boýunça edarasy administratiw hyzmatlarynyň öwezi çykdajylaryň şu topary üçin býujetde bellenen çäkden ýokary bolmadyk möçberde dolunar (VII bölüm ). BMGÖM-nyň Programma departamentiniň başlygynyň, şeýle hem Programma seljerijisiniň hyzmatlarynyň öwezi B warianta (1-nji goşundy) laýyklykda dolunar. BMGÜM-nyň ýurt boýunça edarasy administratiw hyzmatlarynyň öwezi A warianta (1-nji goşundy) laýyklykda dolunar. Bu hünärmenleriň işine gözegilik, olaryň wezipe gözükdiriilerine laýyklykda, BMGÖM-nyň Hemişelik wekiliniň wezipesini ýerine ýetiriji tarapydan amala aşyrylýar.

Türkmensitandaky BMGÖM Taslamanyň umumy býujetiň gözegçiligi we dolandyrmagy amala aşyrar, şeýle hem taslamanyň durmuşa geçirilişine gözegçilik we donora hasabatlylygyň öz wagtynda berilmegi üçin jogap berer. Mundan başga-da, BMGÖM ýurtda beýleki hereket edýän başlangyçlar we taslamalar bilen utgaşdyrmaga we tor kooperasiýasyna goldaw berer.

# V. NETIJELERIŇ WE SERIŞDELERIŇ GURLUŞY

**Ýurt maksatnamasynyň Netijeleriň we serişdeleriň gurluşynda görkezilişi ýaly garaşylýan ahyrky netije:**
Jemleýji netije 2 (Türkmenistan bilen BMG-nyň arasynda DÖÇM 2021-2025 y./ Türkmenistan bilen BMGÖM-nyň arasynda ÝMR 2021-2025 y.): 2025-nji ýyla çenli bäsleşige ukyply hususy we maliýe sektorlaryny ösdürmek, söwda ýardam etmek we maýa goýumlary çekmek, şeýle hem innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak ýoly bilen, ykdysadyýeti durnukly we ählumumy diwersifisirlemek üçin şertler gowulandyryldy

**Ýurt maksatnamasynyň Netijeleriň we serişdeleriň gurluşynda görkezilişi ýaly ahyrky netijeleriň görkezijileri, başlangyç maglumatlary maksatlaýyn görkezijileri goşmak bilen:**

Görkeziji 2.1: Bir işgäre hasaplanyňda hakyky JIÖ-iň her ýylky ösüş depgini (DÖÇM 8.2.1) (ÝMR 2.1)

Başlangyç maglumatlar: Statistika baradaky döwlet komiteti Maksat: her ýyl azyndan 4%

**Taslamanyň ady we belgisi:** Milli hasaplar boýunça institusional we statistiki mümkinçiligi pugtalandyrmak

| Garaşylýan netijeler | Görkezijiler | Maglumat çeşmesi | Başlangyç maglumatlar | | Maksatlar | | | | Maglumatlary ýygnamagyň usullary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Ady | Ýyl | Ýyl 1 | Ýyl 2 | Ýyl 3 | Jemi | |
| Netije 1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň statistiki maglumatlaryň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen maglumat-tehniki mümkinçiligi pugtlalandyryldy | 1.1 Statistiki telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiligi işe girizildi we 80% derejede maglumatlary işlemegi amala aşyrmaga mümkinçilik berýär | *Türkmenstat* | Programma üpjünçiligi | *2020* | *60%* | *20%* | | *80%* | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 1.2 Statistiki telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiliginden peýdalanyp biljek hünärmenleriň paýy | *Türkmenstat* | Hünärmenleriň sany ýeterlik däl | *2020* | *80%* | | | *80%* | *Taslamanyň hasabatlary* |
| Netije 2. Türkmenistanyň milli hasaplarynyň usulyýet, maglumat we işgärler | 2.1. Olar boýunça usulyýet işlenip taýýarlanan we synagdan geçirilen görkezijileriň paýy | *Türkmenstat* | | *2020* | *20%* | *40%* | *40%* | *100%* | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 2.2. 2008-nji ýylyň MHU-na laýyklykda uýgunlaşdyrylan gözegçilikleriň sany | *Türkmenstat* | *0* | *2020* | | *1* | | *1* | *Taslamanyň hasabatlary* |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| mümkinçiligi güýçlendirildi | 2.3. Türkmenstatyň hünärmenleri DÖM boýunça halkara okuw maslahatlaryna, maslahatlara gatnaşmagyň netijesinde DÖM boýunça öz bilimlerini ýokarlandyrdylar | *Türkmenstat* | *Bilimler ýeterlik däl* | *2020* | | | *Bilimler we düşünjeler ýokarlandyryldy* | *Bilimler we düşünjeler ýokarlandyryldy* | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 2.4. 2023-nji ýylyň üçünji çärýegine çenli 2008-nji ýylyň MHU boýunça bilelikdäki çärýekleýin hasabat düzüldi; | *Türkmenstat* | *0* | *2020* | - | - | hawa | hawa | |
| | 2.5. 2008-nji ýylyň MHU-ny ornaşyrmak boýunça sebitleýin okuw maslahaty geçirildi | *Türkmenstat* | *0* | *2020* | - | - | hawa | hawa | |
| Netije 3<br><br>DÖM-ny gazanmakda öňegidişligi ölçemek üçin statistiki hasabatlylygy taýýarlamak üçinTürkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň mümkinçiligi ýokarlandyryldy | 3.1. DÖM-nyň görkezijileriniň maglumatlar binýady maglumatlary ýygnamagy, işlemegi we seljermegi amala aşyrmaga mümkinçilik berýär | *Türkmenstat* | Ýok | 2020 | hawa | | | hawa | Taslamanyň hasabaty |
| | 3.2 Maglumatlary işlemek we seljermek boýunça statistiki gurallary öwrenen hünärmenleriň sany | Türkmenstat | | 2020 | 12 | 12 | | 24 | Taslamanyň hasabatlary |

## VI. GÖZEGÇILIK WE BAHA BERMEK

| Gözegçilik boýunça iş | Maksat | Döwürleýinligi | Garaşylýan hereketler |
|---|---|---|---|
| **Netijeleri gazanmakdaky öňegişdilige syn etmek** | Taslamany Netijeleriň we serişdeleriň gurluşynda (SNG) görkezijileriň netijelerine laýyklykda ýerine ýetirmegiň barşy baradaky maglumatlar ylalyşylan jemleýji netijeleri gazanmak babatynda taslamanyň öňegidişligine baha bermek üçin ýygnalar we seljeriler. | Her çärýekde ýa-da her görkeziji üçin talap edilýän döwürleýinlikde | Eger öňegidişlik çak edilişinden has haýal bolsa, onda bu meselä taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan serediler |
| **Töwekgelçiliklere gözegçiligi amala aşyrmak we dolandyrmak** | Bellenen maksatlaryň gazanylmagyna howp salyp biljek anyk töwekgelçilikleri kesgitlemeli. Töwekgelçilikler žurnalyny peýdalanmak bilen, töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça hereketleri kesgitlemeli we gözegçilik etmeli. Bu BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda talap edilip bilinjek çäreleri we meýilnamalary öz içine alýar. Audit barlaglary BMGÖM-nyň maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak maksady bilen audit barlaglaryny geçirmek boýunça düzgünlerine laýyklykda geçiriler. | Her çärýekde | Töwekgelçilikler taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan kesgitlenýär we töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça hereketler geçirilýär. Ýüze çykarylan töwekgelçiliklere we geçirilen hereketlere syn etmek üçin töwekgelçilikler žurnaly işjeň ýagdaýda ýöredilýär. |
| **Öwrenmek** | Bilimler, öňdebaryjy tejribe we sapaklar yzygiderli öwreniler. Mundan başga-da, olary beýleki taslamalardan we hyzmatdaşlardan hem alarlar we şu taslama goşarlar. . | Iň bolmanda her ýyl | Degişli sapaklar taslamanyň topary tarapyndan öwrenilýär we ýolbaşçylygyň oýlanyşykly çözgütlerini kabul etmek üçin peýdalanylýar. |
| **Taslama boýunça işleriň hilini her ýyl üpjün etmek** | Taslamanyň güýçli we gowşak taraplaryny kesgitlemek we taslamany gowulandyrmak maksady bilen ýolbaşçylygyň derejesinde oýlanyşykly çözgütleri çykarmak üçin taslamanyň hiline BMGBM-nyň hil standartlaryna laýyklygy babatynda baha berilýär. | Her ýyl | Güýçli we gowşak taraplaryna taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan serediler taslamany amala aşyrmagyň görkezijilerini gowulandyrmak maksady bilen oýlanyşykly çözgütleri kabul etmek üçin peýdalanylar |
| **Işiň ugurlaryna gaýtadan seretmek we düzediş girizmek** | Oýlanyşykly çözgütleri çykarmak üçin ähli gözegçilik hereketleri boýunça maglumatlara we faktlara içerki syn bermek | Iň bolmanda her ýyl | Taslamanyň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlar, töwekgelçilikler, sapaklar we onuň hili Taslama Geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylar we işiň ugurlaryna düzediş girizmek üçin peýdalanylar |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Taslamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabat** | Işiň barşy baradaky hasabat Taslama Geňeşine we esasy gyzyklanýan taraplara hödürlener we işiň barşy baradaky jemleýji netijeleriň derejesinde öňünden kesgitlenen ýyllyk aralyk maksatlara laýyklykda gazanylan netijeleri görkezýän maglumatlary, taslamanyň hiliniň ýyllyk reýtingine berilýän gysgaça syny, netijelerini ýeňilleşdirmek boýunça çäreler bilen bilelikde türkmençiliklerin tazelenen žurnalyny we şu döwürde taýýarlanan baha bermek ýa-da syn bermek boýunça ähli hasabatlary öz içine alar | Her ýyl we taslamanyň ahyrynda (jemleýji hasabat) | |
| **Taslama syn bermek (Taslamanyň Müdiryýeti)** | Taslamany dolandyryş merkezi (ýagny Taslama Geňeşi) taslamany amala aşyrmagyň netijelerine baha bermek we taslamanyň amala aşyrylýan döwrüniň bütin dowamynda býujetiň hakyky düzülmegini üpjün etmek maksatlarynda Işleriň Köp ýyllyk meýilnamasyna seretmek üçin taslama yzygiderli syn bermegi geçirer. Taslamanyň tamamlanýan ýylynda Taslama Geňeşi alnan sapaklary öwrenmek we taslamany giňeltmek, onuň netijelerini millileşdirmek we alnan sapaklary degişli auditoriýa bilen ara alyp maslahatlaşmak üçin taslama tamamlanandan soň syn bermegi geçirmelidir. | Ýylda iki gezek | Hile degişli ähli meseleler ýa-da öňegidişlik çak edilişinden has haýal bolsa, onda olar Taslama Geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmalydyr we ýolbaşçylygyň hereketi ýüze çykarylan meseleleri çözmek üçin ylalaşylmalydyr |

## VII. ÝYLLYK IŞ MEÝILNAMASY

**Ýyl: 2021**

| Garaşylýan netijeler | Meýilleşdirilýän çäreler | Möhletleri | | | | Meýilleşdirilýän býujet | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 çär | 2 çär | 3 çär | 4 çär | Jogapkär | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň beýany | Pul möçberi (ABŞ dollarynda) |
| Netije 1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň maglumat-tehniki mümkinçiligi pugtalandyryldy | 1.1. Telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiligini gutarnykly işläp taýýarlamak, oturtmak (goýmak) we işe girizmek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 72100 Şertnamalaýyn hyzmatlar | 144,000 |
| | 1.2. Oturdylan (goýlan) programma üpjünçiligini ulanmak boýunça treningleri guramak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 75700 Traningler, okuw maslahatlary (jemi 10 gatnaňyjy x2 gün (suw, kofe-breýk, günortanlyk, kanselýar harytlar, çap etmek, terjimeçilik hyzmatlary) | 1,504 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykžajylary | 153.04 |
| | Jemi, Netije 1: | | | | | | | | **145,657.04** |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 10,195.99 |
| | **Hemmesi, Netije 1, dolandyryş çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | | | | **155,853.03** |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Netije 2.<br>Türkmenistanyň milli hasaplarynyň usulyýet, maglumat we işgärler mümkinçiligi güýçlendirildi | 2.1. Esasy hasaplary 2008-nji ýylyň MHU-na laýyk getirmek üçin usulyýeti taýýarlamak we MHU-nyň görkezijileriniň hasaplamalaryny geçirmek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenleri (1 bilermen x 10 gün) | 8,000 |
| | | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (1 sapar x 1 bilermen x 5 gün) | 2,467 |
| | | | | | | | | 71300 Ýerli bilermenler (1 bilermen x 3 aý) | 3,000 |
| | | | | | | | | 75700 Treningler, okuw maslahatlary (jemi 12 gatnaşyjy x 2 gün (suw, kofe-breýk, günortanlyk, kanselýar harytlar, çap etmek, terjimeçilik hyzmatlary) | 1,756 |
| | | | | | | | | 71300 Usulyýetleri türkmen diline terjime etmek | 900 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 803 |
| | Jemi, Netije 2: | | | | | | | | 16,926 |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 1,184.82 |
| | **Hemmesi, Netije 2,**<br>**dolandyryş çykadjylaryny goşmak bilen:** | | | | | | | | **18,110.87** |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Netije 3: DÖM-ny gazanmakda öňegidişligi ölçemek üçin statistiki hasabatlylygy taýýarlamak üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň mümkinçiligi ýokarlandyryldy | 3.1. DÖM meseleleri boýunça (maglumatlar binýady bilen işlemek boýunça we maglumatlary işlemek, seljermek boýunça meseleleri goşmak bilen) duşuşyklary/treningleri guramak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 75700 Treningler, okuw maslahatlary (jemi 12 gatnaşyjy x 2 gün) (suw, kofe-breýk, günortanlyk, kanselýar harytlar, çap etmek, terjimeçilik hyzmatlary) | 1,756 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 299.94 |
| | Jemi, Netiji 3: | | | | | | | | **2,055.94** |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 143.92 |
| | **Hemmesi, Netije 3, dlolandyryş çykdajylaryny goşmak bilen:** | | | | | | | | **2,199.86** |
| Taslamany dolandyrmak | Işgärleriň zähmet haky | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 zähmet haky (Taslamanyň menedzeri-100%*3 aý, kömekçi-35%*12 aý) | 12,940 |
| | | | | | | | BMGÖM | 71400 zähmet haky (Taslamanyň menedzeri) | 20,000 |
| | Edarany saklamak boýunça çykdajylar | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 72500 Edara degişli zatlar | 500 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 72400 Aragatnaşyk we internet | 2,560 |
| | Taslamany dolandyrmak üçin, BMGÖM -sy tarapyndan | | | | | | BMGÖM | | 20,000 |
| | Taslamany dolandyrmak üçin, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 16,000 |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 1155.84 |
| | **Jemi, Taslamany dolandyrmak:** | | | | | | | | **37,667.84** |
| | **Türkmenistanyň Hökümeti** | | | | | | | | **193,831.60** |
| | **BMGÖM** | | | | | | | | **20,000** |
| | **Jemi** | | | | | | | | **213,831.60** |

Ýyl: **2022**

| Garaşylýan netijeler | Meýilleşdirilýän çäreler | Möhletleri | | | | Meýilleşdirilýän býujet | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 çär | 2 çär | 3 çär | 4 çär | Jogapkär | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň beýany | Pul möçberi (ABŞ dollarynda) |
| Netije 1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň maglumat-tehniki mümkinçiligi pugtalandyryldy | 1.1. Statistiki telekeçilik sanawy boýunça programma üpjünçiligine goldaw bermek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 72100 Şertnamalaýyn hyzmatlar | 8,000 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 377.48 |
| | Jemi, Netije 1: | | | | | | | | **8,377.48** |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 586.42 |
| | **Hemmesi, Netije 1, dolandyryş çykdajylaryny goşmak bilen:** | | | | | | | | **8,963.90** |
| Netije 2. Türkmenistanyň milli hasaplarynyň usulyýet, maglumat we işgärler mümkinçiligi güýçlendirildi | 2.1. Esasy hasaplary 2008-nji ýylyň MHU-na laýyk getirmek üçin usulyýeti taýýarlamak we MHU-nyň görkezijileriniň hasaplamalaryny geçirmek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenler (1 bilermen x 20 gün) | 16,000 |
| | | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (2 sapar x 1 bilermen x 5 gün) | 4,934 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | 71300 Ýerli bilermenler (2 bilermen x 3 aý) | 3,000 |
| | | | | | | | | 75700 Treningler, okuw maslahatlary (jemi 12 gatnaşyjy x 2 gün (suw, kofe-breýk, günortanlyk, kanselýar harytlar, çap etmek, terjimeçilik hyzmatlary) | 1,756 |
| | | | | | | | | 71300 Usulyýetleri türkmen diline terjime etmek | 1,500 |
| | 2.2. 2008-nji ýylyň MHU-na laýyklykda gözegçilik geçirmek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermeni (1 bilermen x 25 gün) | 20,000 |
| | | | | | | | | 71300 Milli bermenler (2 bilermen x 3 aý) | 3,000 |
| | | | | | | | | **72100 Şertnamalaýyn hyzmatlar | 53,868 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1,135 |
| | Jemi, Netije 2: | | | | | | | | 105,192.64 |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 7,363.48 |
| | **Hemmesi, Netije 2, dolandyryş çykdajylaryny goşmak bilen:** | | | | | | | | **112,556.12** |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Netije 3: DÖM-ny gazanmakda öňegidişligi ölçemek üçin statistiki hasabatlylygy taýýarlamak üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň mümkinçiligi ýokarlandyryldy | 3.1. Maglumatlary islemegiň we seljermegiň statistiki gurallary boýunça treningleri guramak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 75700 Treningler, okuw maslahatlary (jemi 12 gatnaşyjy x 4 gün (suw, kofe-breýk, günortanlyk, kanselýar harytlar, çap etmek, terjimeçilik hyzmatlary) | 3,512 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 103.44 |
| | Jemi, Netije 3: | | | | | | | | **3,615.44** |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 253.08 |
| | **Hemmesi, Netije 3, dolandyryş çykdajylaryny goşmak bilen:** | | | | | | | | **3,868.52** |
| Taslamany dolandyrmak | Işgärleriň zähmet haky | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 zähmet haky (Taslamanyň menedzeri-100%*3 aý, kömekçi-35%*12 aý) | 12,940 |
| | | | | | | | BMGÖM | 71400 zähmet haky (Taslamanyň menedzeri) | 20,000 |
| | Edarany saklamak boýunça çykdajylar | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 72500 Edara degişli zatlar | 500 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 72400 Aragatnaşyk we internet | 3,072 |
| | Taslamany dolandyrmak üçin, BMGÖM -sy tarapyndan | | | | | | BMGÖM | | 20,000 |
| | Taslamany dolandyrmak üçin, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 16,512 |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 1155.84 |
| | **Jemi, Taslamany dolandyrmak:** | | | | | | | | **37,667.84** |
| | **Türkmenistanyň Hökümeti** | | | | | | | | **143,056.39** |
| | **BMGÖM** | | | | | | | | **20,000** |
| | **Jemi** | | | | | | | | **163,056.39** |

**Ýyl: 2023**

| Garaşylýan netijeler | Meýilleşdirilýän çäreler | Möhletleri | | | | Meýilleşdirilýän býujet | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 çär | 2 çär | 3 çär | 4 çär | Jogapkär | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň beýany | Pul möçberi (ABŞ dollarynda) |
| Netije 2. Türkmenistanyň milli hasaplarynyň usulyýet, maglumat we işgärler mümkinçiligi güýçlendirildi | 2.1 2008-nji ýylyň MHU-ny ornaşdyrmak boýunça sebitleýin okuw maslahatyny guramak we geçirmek | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71600 Ulag çykdajylary (1 sapar x 3 gün x 4 gatnaşyjy) | 7,680 |
| | | | | | | | | 75700 Sebitleýin okuw maslahaty (jemi 30 gatnaşyjy x 2 gün - (suw, kofe-breýk, günortanlyk, kanselýar harytlar, çap etmek, terjimeçilik hyzmatlary) | 8,644 |
| | 2.2. 2008-nji ýylyň MHU-na mahsus meseleler we beýleki meseleler boýunça halkara okuw maslahatlaryna, treninglere we amaly kurslara gatnaşmagy guramak | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71600 Ulag çykdajylary (1 поездка x 4 дня x 3 участника) | 9,054 |
| | 2.3. Esasy hasaplary 2008-nji ýylyň MHU-na laýyk getirmek üçin usulyýeti taýýarlamak we | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenleri (1 bilermen x 20 gün) | 16,000 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | MHU-nyň görkezijileriniň hasaplamalaryny geçirmek | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (2 sapar x 1 bilermen x 5 gün) | 4,934 |
| | | | | | | | | 71300 Ýerli bilermenler (1 bilermen x 3 aý) | 3,000 |
| | | | | | | | | 75700 Treningler, okuw maslahatlary (jemi 12 gatnaşyjy x 4 gün (suw, kofe-breýk, günortanlyk, kanselýar harytlar, çap etmek, terjimeçilik hyzmatlary) | 3,512 |
| | | | | | | | | 71300 Usulyýetleri türkmen diline terjime etmek | 1,500 |
| | | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 800.22 |
| | Jemi, Netije 2: | | | | | | | | 55,124.22 |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 3,858.70 |
| | **Hemmesi, Netije 2, dolandyryş çykdajylaryny goşmak bilen:** | | | | | | | | **58,982.92** |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Taslamany dolandyrmak | Işgärleriň zähmet haky | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 71400 zähmet haky (Taslamanyň menedzeri-100%*3 aý, kömekçi-35%*12 aý) | 12,940 |
| | | | | | | | BMGÖM | 71400 zähmet haky (Taslamanyň menedzeri) | 20,000 |
| | Edarany saklamak boýunça çykdajylar | | | | | BMGÖM | Türkmenistanyň Hökümeti | 72500 Edara degişli zatlar | 500 |
| | | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 72400 Aragatnaşyk we internet | 3,072 |
| | Taslamany dolandyrmak üçin, BMGÖM -sy tarapyndan | | | | | | BMGÖM | | 20,000 |
| | Taslamany dolandyrmak üçin, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 16,512 |
| | Dolandyryş çykdajylary, 7%: | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 1,155.84 |
| | **Jemi, Taslamany dolandyrmak:** | | | | | | | | **37,667.84** |
| | **Türkmenistanyň Hökümeti** | | | | | | | | **76,650.76** |
| | **BMGÖM** | | | | | | | | **20,000** |
| | **Jemi** | | | | | | | | **96,650.76** |

## VIII. TASLAMANY DOLANDYRMAGYŇ MEHANIZMLERI

Taslama BMGÖM-nyň ýurt boýunça edarasynyň goldaw bermeginde Milli ýerine ýetiriş mehanizmi düzgüninde, BMGÖM-nyň kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylar. Taslamany durmuşa geçirmek boýunça milli hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (Türkmenstat) çykyş edýär. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti taslama işiniň üstünlikli amala aşyrylmagy, gazanylan netijeleriň durnuklylygy üçin jogapkär bolar, şeýle hem Türkmenistanyň beýleki döwlet edaralarynyň öňünde taslamanyň netijeleri barada hasabat berer. Hususan-da, milli ýerine ýetiriji hyzmatdaş taslamanyň uzak möhletli netijeleriniň Türkmenistanyň strategik resminamalarynda beýan edilen ösüş maksatlaryna laýyk gelmegi üçin jogapkär bolar.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti uly wezipeli işgärini Taslamanyň milli utgaşdyryjysy (TMU) hökmünde belleýär, ol Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň adyndan taslamanyň durmuşa geçirilişine jogap berer.

Taslamanyň başlangyç tapgyrynda BMGÖM bilen Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti Taslamany Utgaşdyryjy Geňeşiň (TUG) tertipleşdiriji resminamalaryny, şol sanda agzalaryň sanawyny we işiň tertibini bilelikde işläp taýýarlaýarlar. Taslamanyň milli utgaşdyryjysy (TMU) TUG-niň başlygy bolup durýar. TUG ylalşygyň esasynda taslama boýunça dolandyryş çözgütleriniň kabul edilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. TUG taslamany strategik dolandyrmagyň esasy subýekti bolup durýar. TUG ýylda iki gezekden seýrek bolmadyk wagtda taslamany durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin ýygnanyşýar. Goşmaça mejlisler TUG tarapyndan zerurlyga görä çagyrylyp bilner.

TUG-ne gatnaşmak üçin beýleki gyzyklanýan taraplaryň wekilleri synçylar hökmünde çagyrylyp bilner.

Taslamanyň ýolbaşçysy TUG-niň ýerine ýetiriji sekretary bolup durýar, TUG-niň agzasy hökmünde mejlislere ses bermek hukugy bolmazdan gatnaşýar we TUG-niň mejlislerini taýýarlamak we mejlisiň teswirnamalaryny ýöretmek üçin jogapkärçilik çekýär.

BMGÖM-nyň taslamanyň netijeleri üçin gürrüňsiz jogapkärçiligini üpjün etmek üçin, TUG-niň çözgütleri bahalaryň we hiliň iň gowy gatnaşygyny, adalatlylygy, bitewiligi, aýdyňlygy we netijeli bäsleşligi goşmak bilen, ösüşiň netijelerini gazanmak üçin oýlanyşykly dolandyryşy üpjün edýän standartlara laýyklykda kabul ediler,

BMGÖM tarapyndan taslamany dolandyrmagyň strategik derejesini BMGÜM-nyň Türkmenistandaky ýurt edarasy üpjün edýär. Şu derejede taslamanyň uzak möhletli netijeleriniň Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş çygrynda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamasyna (Türkmenistan bilen BMG-nyň arasynda DÖÇM 2021-2025 ý.),Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasynda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk boýunça Ýurt Maksatnamanyň Resminamasyna (Türkmenistan bilen BMGÖM-nyň arasynda ÝMR 2021-2025 ý.) we Durnukly Ösüş Maksatlaryna (DÖM) laýyk gelmegi üpjün edilýär.

Dessin dolandyryşyň esasy derejesi Taslamanyň ýolbaşçysy bolup durýar. Taslama topary Taslamanyň ýolbaşçysyndan we Taslamasynyň kömekçisinden (assistent) ybaratdyr.

Çäkli wezipeleri ýerine ýetirmek we zerur seljeriş geçirmek üçin taslamanyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen halkara we milli bilermenler çekiler. Gysga möhletli geňeşçileri işe almak, milli hyzmatdaşyň talaplaryny hasaba almak bilen, BMGÖM-nyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylar




## IX. HUKUK ESASY WE TÖWEKGELÇILIKLERI DOLANDYRMAK

Bu taslama resminamasy Türkmenistanyň hökümeti we BMGÖM arasynda 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda gol çekilen ýardam bermek boýunça adaty esasy ylalaşygyň 1-nji maddasynda görkezilişi ýaly gural bolup hyzmat etmelidir. Ýardam bermek boýunça adaty esasy ylalaşygyň "Ýerine ýetiriji agentligine" degişli ähli salgylanmalary "Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa" degişli diýip hasap ediler.

Bu taslama Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti - „Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş" tarapyndan, onuň maliýe ýagdaýna, kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda, ýöne olaryň BMGÖM-nyň Maliýe düzgünleriniň we kadalarynyň ýörelgelerine çapraz gelmeýän derejesinde, amala aşyrylar. Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň maliýäni dolandyryş ulgamynyň harajatlaryň aňrybaş düşewüntliligini, adalatlylygy, halallygy we dogruçyllygy, aýdyňlygy we netijeli halkara bäsleşigini üpjün etmek üçin talap edilýän ýolbaşçylygy üpjün edip bilmeýän ýerinde BMGÖM-nyň maliýe dolandyryşy ulanylar.

## X. Töwekgelçilikleri dolandyrmagyň standartlary

1. Ýardam bermek boýunça adaty esasy ylalaşygyň 3-nji maddasyna laýyklykda, ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň, onuň işgärleriniň we emläginiň, şeýle hem ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň eýeçiligindäki BMGÖM-yň emlägini goramak we goragy üpjün etmek jogapkärçiligi ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň üstüne ýüklenýär. Bu borçnamany ýerine ýetirmek üçin ýerine ýetiriji hyzmatdaş aşakdaky görkezilenleri ýerine ýetirmeli:

a) degişli howpsuzlyk meýilnamasyny düzmeli we taslama amala aşyrylýan ýurtdaky howpsuzlyk ýagdaýyny göz öňünde tutmak bilen howpsuzlyk meýilnamasyny düzmeli;

b) ýetiriji hyzmatdaşyň howpsuzlygy bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleri we borçnamalary kabul etmeli we howpsuzlyk meýilnamasyny doly ýerine ýetirmeli.

2. BMGÖM şeýle meýilnamanyň bardygyny barlamak we zerur bolanda meýilnama üýtgetmeleri teklip etmek hukugyny saklap galýar. Ýokardaky düzgüne laýyklykda meýilnamanyň derwaýyslygyny üpjün etmek we ony doly möçberde durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň berjaý edilmegi şu Taslama Resminamasynyň çäklerinde Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň borçlarynyň bozulmagy hasap ediler.

3. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş Taslama Resminamasyna laýyklykda alynýan serişdeleriň hiç bir böleginiň hem terrorçylyk bilen baglanyşykly aýry-aýry şahslary we guramalary goldamak üçin peýdalanylmajakdygyny we BMGÖM tarapyndan tölenýän islendik pul möçberlerini alyjylaryň arasynda 1267-nji kararnama (1999) laýyklykda Howpsuzlyk Geňeşiniň Komiteti tarapyndan düzülýän sanawa goşulmandygyny kepillendirmek üçin ähli oýlanyşykly tagallalary görmäge ylalaşýar.

4. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş BMGÖM-nyň Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň her bir jogapkär taraplary, olaryň subresipientleri we Taslama potratçy ýa-da kömekçi potratçy hökmünde gatnaşýan beýleki subýektler we olaryň işgärleri, şeýle-de Taslama resminamasyna laýyklykda olara hyzmat edýän islendik adamlar tarapyndan seksual erjellik edilmegine we seksual ulanmaklyga we biabraý etmeklige çydam edip bilmejekdigini ykrar edýär we ylalaşýar.

(a) Şu Taslama resminamasyna laýyklykda çäreleriň durmuşa geçirilýän wagtynda Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň ýokarda görkezilen jogapkär hyzmatdaşlarynyň her biri Baş sekretaryň 2003-nji ýylyň 9-njy oktýabryndaky ST/SGB/2003/13 belgili „Seksual ulanmakdan we seksual biabraý etmekden goramak boýunça ýörite çärelere" (SUSBGBÝÇ) degişli Býulleteninde beýan edilen özüňi alyp baryş standartlaryny berjaý etmelidir.

(b) Mundan başga-da, şu Taslama resminamasynyň çäklerinde iş amala aşyrylanda, işiň ýerine ýetirilmegine täsir edýän beýleki düzgünleri, kadalary, çäreleri we tertipleri ulanmak bilen çäklenmän, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň ýokarda görkezilen jogapkär hyzmatdaşlarynyň her biri haýsydyr bir görnüşde seksual erjelliklere (SE) sezewar edilmeli däldir. SE seksual häsiýetdäki, göwne degmek ýa-da masgaralamak hökmünde esasly garaşyp ýa-da kabul edip bolýan, şeýle özüňi alyp barmagyň işe goşulýan, işe ýerleşmegiň şerti bolup durýan ýa-da gorkuly, duşmançylykly ýa-da göwne degişji iş ýagdaýy döredýän islenilmeýän görnüşde özüňi alyp barmak hökmünde kesgitlenýär.

5. a) Şu Taslama resminamasynyň çäklerinde iş amala aşyrylanda Ýerine ýetiriji hyzmatdaş (özüniň işi babatynda) özüniň 4-nji bentde ýatlanylan kömeçi taraplaryndan (olaryň işi babatynda) netijeli öňüni alyş we derňew çärelerini görmek maksady bilen, olarda iň pes standartlaryň we düzgünleriň ýa-da şeýle standartlary we düzgünleri işläp taýýarlamak ýa-da kämilleşirmek meýilnamasynyň bolmagyny talap edýär. Olar seksual erjellik edilmegi we seksual ulanmaklyk we biabraý etmeklik babatynda syýasaty, repressiýalaryň üstüni açmak/olardan goramak babatynda syýasaty we şikaýat etmegiň, düzgün-nyzam temmisini bermegiň we derňewleriň mehanizmlerini öz içine almalydyr. Şunuň bilen baglylykda, Ýerine ýeriniji hyzmatdaş kömekçi taraplarynyň aşakdakylar babatda zerur çäreleri görmeklerini talap eder:

i. Işgärleriň, agentleriň ýa-da şu Taslama resminamasyna laýyklykda haýsydyr bir hyzmaty etmek çekilen islendik beýleki adamlaryň SE we SUSBGBÝÇ meşgullanmagyna ýol bermezligi;

ii. Işgärlere SE we SUSBGBÝÇ öňüni almak we oňa baş galdyrmak meseleleri boýunça okuw geçmegi teklip etmegi, eger Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň 4-nji bentde ýatlanylan kömekçi hyzmatdaşlary SE we SUSBGBÝÇ öňüni almak meseleleri boýunça okuw guramadyk bolsalar Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň kömekçi hyzmatdaşlary BMGÖM-da bar bolan okuw materiallaryny peýdalanyp bilerler;

iii. Olar babara Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa we onuň 4-nji bentde ýatlanylan kömekçi hyzmatdaşlaryna habar berlen ýa-da başga bir görnüşde olara mälim edilen SE we SUSBGBÝÇ babatynda hasabat bermegi we gözegçiligi amala aşyrmagy;

iv. SE we SUSBGBÝÇ pidalaryny/zyýan çekenleri howpsuz we ýaşyryn kömek almak üçin ýollamagy, we

v. SE we SUSBGBÝÇ babatynda derňew geçirmek üçin ýeterlik derejede esasly bolan islendik arzalary öz wagtynda we ýaşyryn bellige almaklygy we olary derňemegi. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş alnan şunuň ýaly arzalar we özüniň şu Taslama resminamanyň çäklerinde olaryň işi bilen baglanyşykly onuň 4-nji bentde ýatlanylan hyzmatdaşlarynyň geçirýän derňewleri barada BMGÖM-na habar berýär we eger şunuň ýaly habarnama (i) derňewiň geçirilmegine, şol sanda adamlaryň goralmagyna we howpsuzlygyna zyýan ýetirmeýän bolsa we/ýa-da (ii) kanunçylyga garşy gelmeýän bolsa, özüniň we islendik hyzmatdaşlarynyň alyp barýan derňew işleriniň barşy barada BMGÖM-na habar berýär. Derňew geçirilenden soň Ýerine ýetiriji hyzmatdaş derňewiň jemleri boýunça özüniň ýa-da islendik beýleki edaranyň gören çäreleri barada BMGÖM-ny habarly edýär.

b) Ýerine ýetiriji hyzmatdaş BMGÖM-ny kanagatlandyrmak üçin, şeýle tassyklamany bermek üçin BMGÖM-nyň ýa-da onuň adyndan hereket edýän islendik beýleki tarapyň haýyşy boýunça onuň ýokarda beýan edilenleri berjaý edendigini anyklaýar. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň 4-nji bentde ýatlanylan kömekçi hyzmatdaşlary tarapyndan ýokary görkezilenleriň BMGÖM tarapyndan kesgitlenişi ýaly berjaý edilmezligi Taslamany togtatmak ýa-da bes etmek üçin esas diýlip hasap edilýär.

6. Durmuş we ekologiýa durnuklylygy BMGÖM-nyň Programma we Amal Ýörelgelerine we Düzgünlerine laýyklykda, durmuş we ekologiýa durnuklylygy BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryny (http://www.undp.org/ses) Hasabat bermekligiň degişli Mehanizmini (http://www.undp.org/secu-srm) ulanmak ýoly ýokarlandyrylyp bilner.

7. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş: (a) taslamanyň we maksatnamalaryň çäklerindäki çäreleri BMGÖM-nyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda amala aşyrýar; (b) taslamanyň ýa-da maksatnamanyň ýatlanan standartlara laýyk gelmegini üpjün etmek maksady bilen taýýarlanan, dolandyrmak ýa-da netijeleri peseltmek boýunça islendik meýilnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär we (ç) ähli meseleleri çözmäge we Hasabat bermek Mehanizminiň çäklerinde ýüze çykýan şikaýatlary düzgünleşdirmäge gönükdirilen işe oňyn we öz wagtynda gatnaşýar. BMGÖM bileleşikleri we taslama gyzyklanýan beýleki taraplary bu barada habarly etmäge we olar üçin Hasabat bermek Mehanizmini elýeter etmäge çalşar.

8. Şu Taslama Resminamasyna gol çeken ähli taraplar maksatnama ýa-da taslama ýa-da BMGÖM-nyň durmuş we ekologiýa standartlarynyň berjaý edilişi bilen baglanyşykly islendik borçnamalaryň ýerine ýetirilişine baha bermek boýunça islendik çäreleriň barşynda hyzmatdaşlyk edýärler. Bu taslamanyň amala aşyrylýan ýeriniň, şeýle hem degişli işgärleriň, maglumatlaryň we resminamalaryň elýeter bolmagyny öz içine alýar.

9. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş taslamanyň durmuşa geçirilýän ýa-da BMGÖM-nyň serişdeleri peýdalanylýan mahalynda özüniň wezipeli işgärleri, geňeşçiler, jogapkär taraplar, kömekçi potratçylar we subresipientler tarapyndan serişdeleriň hyýanatçylykly peýdalanylmagynyň, kezzapçylygyň ýa-da korrupsiýanyň öňüni almak üçin gerek bolan çäreleri görýär. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş özüniň mäliýäni dolandyrmak, korrupsiýa we kezzapçylyga garşy göreş boýunça syýasatynyň bolmagyny we onuň BMGÖM-dan ýa-da onuň üstünden alnan ähli maliýe serişdeler babatynda berjaý edilmegini üpjün edýär.

10. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş babatynda Taslama resminamasyna gol çekilen pursatyna çenli güýje giren şu resminamalaryň talaplary ulanylýar: a) BMGÖM-nyň kezzapçylyk we korrupsiýa tejribesiniň beýleki görnüşleri babatynda çäreleri we b) BMGÜÖM-nyň Audit we derňewler boýunça edarasy we Derňewler boýunça gollanma. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş ýokarda görkezilen resminamalaryň talaplary bilen ylalaşýar, olar şu Taslama resminamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we Internet torunda www.undp.org salgy boýunça elýeterdir.

11. Derňewiň zerur bolan halatynda BMGÖM BMGÖM-nyň taslamalarynyň we programmalarynyň islendik jähtine derňewlenri geçirmäge borçlydyr, olar BMGÖM-nyň düzgünnamalaryna, kadalaryna we tertiplerine laýyklykda geçirilýär. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş derňew geçirmek üçin oýlanyşykly möhletlerde we oýlanyşykly şertlerde, şu maksatlarda işgärleri, degişli resminamalary bermegi we Ýerine ýetiriji hyzmatlaşyň jaýlaryny (onuň geňeşçilerini, jogapkär taraplaryny, kömekçii potratçylaryny we subresipientlerini) elýeter etmegi goşmak bilen, doly derejede hyzmatdaşlyk edýär.

12. Şu Taslama Resminamasyna gol çeken ähli taraplar serişdeleriň degişli görnüşde ulanylmaýan islendik ýagdaýlary ýa-da kezzapçylyk ýa-da korrupsiýa barada ynandyryjy habarlar barada degişli derejede ýaşyrynlygy berjaý etmek bilen biri-birine habar berýärler.

Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa BMGÖM-nyň taslamasynyň ýa-da işiniň dolulygyna ýa-da kemkäsleýin derejede çak edilýän kezzapçylyk/korrupsiýa babatynda geçirilýän derňewiň predmeti bolup durýandygy belli bolan ýagdaýynda, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş bu barada BMNGÖM-nyň Hemişelik wekiline/Edaranyň ýolbaşçysyna habar bermelidir, ol hem, öz gezeginde, dessin BMGÖM-nyň Audit we derňewler boýunça edarasyna habar bermelidir. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş derňewiň derejesi we onuň bilen bagly hereketler barada BMGÖM-nyň ýurtdaky Wekilhanasynyň başlygyna we ADE-na yzygiderli habar bermelidir.

13.Ýerine ýetiriji hyzmatdaş, onuň ulanarlykly bolup durýan ýerinde, şu Taslama resminamasynyň çygryndaky iş üçin serişdelerden dolulygyna ýa-da bölekleýin maliýe serişdelerini berýän BMGÖM-nyň donorlarynyň (Hökümeti hem goşmak bilen) BMGÖM-nyň kesgitlemesi boýunça bellenen maksady boýunça peýdalanylmadyk, şol sanda kezzapçylyk ýa-da korrupsiýa ýoly bilen ýa-da başga görnüşde tölenen islendik serişdeleriň öwezini dolmak üçin Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa ýüz tutup biljekdigi bilen ylalaşýar.

Eger BMGÖM bu serişdeleriň öwez tölegini almadyk bolsa, onda Ýerine ýetiriji hyzmatdaş şu Taslama resminamasynyň çygryndaky iş üçin serişdelerden dolulygyna ýa-da bölekleýin maliýe serişdelerini berýän BMGÖM-nyň donorlarynyň (Hökümeti hem goşmak bilen) BMGÖM-nyň kesgitlemesi boýunça bellenen maksady boýunça peýdalanylmadyk, şol sanda kezzapçylyk ýa-da korrupsiýa ýoly bilen ýa-da şu Taslama resminamasynyň düzgünlerine we şertlerine laýyk gelmeýän başga görnüşde tölenen islendik serişdeleriň öwezini dolmak üçin Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa ýüz tutup biljekdigi bilen ylalaşýar.

Bellik: Şu düzgünnamada peýdalanylýan „Taslama resminamasy" adalgasy Taslama resminamasy bilen bagly soňra başlaşylýan islendik ylalaşyklary, şol sanda jogapkär taraplar, kömekçi potratçylar we subrepresientler bilen ylalaşyklary öz içine alýar.

14. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş tarapyndan şu Taslama resminamasy bilen baglanyşykly resmileşdirilen ähli şertnamalar seçip almak prosesi bilen bagly ýa-da şertnamany ýerine ýetirmegiň barşynda teklipde görkezilenden başga hiç hili gonorarlaryň, hak-heşdekleriň, öwez töleginiň, ýeňillikleriň, sowgatlaryň, komissiýa tölegleriniň ýa-da beýleki tölegleriň berilmändigi, alynmandygy ýa-da wada berilmändigi we Ýerine ýetiriji hyzmatdaşdan serişdeleri alyjynyň töleg amala aşyrylandan soň islendik derňewler we auditorlyk barlaglary bilen hyzmatdaşlyk etjekdligi baradaky düzgünleri öz içine almalydyr.

15. BMGÖM-nyň taslama bilen bagly bikanun hereketler babatynda derňew geçirmek üçin degişli milli edaralara ýüz tutan ýagdaýynda döwlet edaralary milli edaralaryň bikanun hereketlere gatnaşmakda aýyplanýan islendik adamlar babatynda derňew alyp barmaga we iş gozgamaga işjeň gatnaşmaklaryny, zyýanyň öweziniň dolunmagyny we şol adamlar tarapyndan BMGÖM-dan alnan serişdeleriň doly möçberde gaýtarylmagyny üpjün etmäge borçlanýarlar.

16. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş şu bölümde görkezilen ähli şertleri „Töwekgelçilikleri dolandyrmak" diýlip atlandyrylmaga, her bir jogapkär tarapa, kömekçi potratça we subrepresiente bermäge, şu bölümiň ähli düzgünleri bolsa „Töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça standart düzgünler" diýip atlandyrmaga, şu Taslama resminamasy bilen bagly geljekde baglaşyljak kömekçi şertnamalaryň ýa-da kömekçi ylalaşyklaryň ählisine goşmaga borçlanýar.

## XI. AÝRATYN DÜZGÜNLER

1. Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-nyň Ösüş Maksatnamasynyň arasyndaky Bilelikde maliýeleşirmek hakynda Ylalaşygynyň düzgünlerine laýyklykda, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (Türkmenstat) Taslamany durmuşa geçirmek üçin **413 538.75** (dört ýüz on üç müň bäş ýüz otuz sekiz dollar ýetmiş bäş sent) amerikan dollary möçberindäki gatanjyny BMGÖM-nyň hasabyna şu görnüşde geçirer.

Türkmenstat aşakda görkezilen töleg tertibine laýyklykda, 92 208.00 (dogsan iki müň iki ýüz sekiz) amerikan dollarynyň manatdaky ekwiwalentini BMGÖM-nyň Türkmenistandaky Wekilhanasynyň Türkmen-türk täjirçilik bankyndaky 23203934273168502583000 hasaplaşyk hasabyna geçirer:

| Töleg tertibi | Pul möçberi |
|---|---|
| 01.01.2021 | 8 916.00 ABŞ dollary |
| 31.01.2022 | 66 636.00 ABŞ dollary |
| 31.01.2023 | 16 656.00 ABŞ dollary |

b) Türkmenstat aşakda görkezilen töleg tertibine laýyklykda, **321 330.75** (üç ýüz ýigrimi bir müň üç ýüz otuz dollar we ýetmiş bäş cent) amerikan dollaryndaky pul möçberini amerikan dollary ekwiwalentinde şu hasaba geçirer: Citibank N.A, 111 Wallstreet New York, NY 10043, hasap belgisi 36349562 we detallary: SWIFT no.CITIUS33, ABA no. 021000089

| Töleg tertibi | Pul möçberi |
|---|---|
| 31.01.2021 | 184 915.60 ABŞ dollary |
| 31.01.2022 | 76 420.39 ABŞ dollary |
| 31.01.2023 | 59 994.76 ABŞ dollary |

2. Gatanjyň amerikan dollaryndan başga pulda gesçirilen ýagdaýynda onuň gymmaty serişdeleriniň kabul edilen gesirilen senesinde hereket eden BMG-nyň[4], çalşyk hümmetine peýdalanmak ýoly bilen kesgitlener.BMGÖM tarapyndan Gatanç doly özleşdirilmezinden öň BMG-nyň çalşyk hümmetiniň üýtgän mahalynda, degişlilikde, galan serişdeleriň gymmatyna gaýtadan baha berler. Şu ýagdaýda galan serişgdeleriň balansynda ýitgiler bolan ýagldaýynda BMGBM Hökümete Hökümet tarapyndan goşmaça maliýeleşdirmek mümkinsiligi barada Hökümete habar berer. Goşmaça maliýeleşdirmegiň mümkin bolmadyk ýagdaýynda şu taslama resminamasynyň çäklerinde BMGÖM tarapyndan Hereketler Meýilnamasyna goldaw bermek kemeldilip, gaýra goýlup ýa-da bes edilip bilner.

3. Ýokarda görkezilen töleg tertibi Gatanjyň meýilleşdirilen çäreler başlanmazyndan öň amala aşyrylmalydygy baradaky talaby hasaba almak bilen düzüldi. Bu tertibe taslamany durmuşa geçirmegiň barşyna laýykda düzediş girizilip bilner.

4. BMGÖM taslamany durmuşa geçirmek maksatlaryna gönükdirilen Gatanjy özüniň hereket edýän kadalaryna, düzgünlerine, syýasatyna we BMGÖM-nyň direktiwalaryna, şol sanda, hususan-da, BMGÜM-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşi tarapyndan çykarylan Maliýe kadalaryna laýyklykda alýar, dolandyrýar we peýdalanýar.

5. BMGÖM ýokarda görkezilen, baglaşylan Bilelikde maliýeleşdirmek hakynda Ylalaşygyň, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine çäreleriň durmuşa geçirilişi we taslamanyň maliýe serişdeleriniň peýdalanyşy barada hasabatlylygy bermäge borçlanýar. Ähli maliýe hasaplary we hasabatlar amerikan dollarynda görkezilmelidir.

---

[4] BMG-nyň Türkmenistan boýunça çalşyk hümmeti Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pesmi çalşyk hümmetiniň esasynda kesgitlenýär.

6. Çykdajylaryň ýa-da borçnamalaryň öňünden görülmedik ýagdaýda (ýa-da hümmetsizlenme faktorlarynyň, daşary ýur pulunyň hümmetiniň üýtgemeginiň ýa-da garaşylmadyk ýagdaýlaryň netijesinde) ýokarlanmagyna garaşylýan ýa-da onuň bolup geçen ýagdaýynda, BMGÖM öz wagtynda hökümete zerur bolan geljekki maliýe serişdelerini görkezýän goşmaça çykdajy sanawyny bermelidir. Hökümet talap edilýän goşmaça serişdeleriň alynmagy üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmelidir.

7. Jemleýji balans hasabyty taýýarlanandan soň Gatanç serişdeleriniň peýdalanylmadyk möçberi Türkmenistanyň Prezildentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akadamiýasy bilen ylalaşyk boýunça, goşmaça hyzmatlary we/ýa-da enjamlary satyn almak üçin peýdalanylar.

8. Eger ýokarda ýatlanan tölegler töleg tertibine we taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda goşmaça möhlete laýyklykda, Hökümet tarapyndan ýa-da beýleki çeşmelerden gelip gowuşmasa, onda BMGÖM şu taslama resminamasynyň çäklerinde taslama üçin berilýän kömegi kemeldip, togtadyp ýa-da bes edip biler.

9. Gatanja degişli göterimlerden alynýan ähli girdejiler BMGÖM-nyň hasabyna gesirilmelidir we BMGÖM-nyň bellenen düzgünlerine laýyklykda peýdalanylmalydyr.

10. BMGÜM-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşiniň çözgütlerine we direktiwalaryna laýyklykda:

Gu harajatlar Gatanja degişli edilmelidir:

(a) 7%-i BMGÖM ştab-kwartirasy we ýurt edarasy tarapyndan umumy dolandyryş goldawynyň berlmegi bilen baglanyşykly gytaklaýyn harajatlaryň öwezini dolmak üçin

(b) BMGÖM we durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş tarapyndan berilýän, amala aşyrmagy goldamak boýunça hyzmatlar üçin göni harajatlar.

11. Gatanç serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilen enjamlara, materiallar we gaýry emläge bolan eýeçilik hukugy enjamyň getirilýän we oturdylýan wagtyna çenli BMGÖM-na degişlidir. Gatanç serişdeleriniň hasabyna satyn alnan enjamlara bolan eýeçilik hukugy BMGÖM-nyň kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda enjamlary oturtmak taslamalanandan soň BMGÖM-dan Türkmenistanyň Statistka baradaky döwlet komitetine berler.